# Sag bol, Watan!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sag bol, Watan! Sag bol Watan!

Yşgyñ bagy şine ýaran kalbymy,
Mydam bal suwundan gandyrdy Murgap.
Mährem enem ýaly bagryña basyp,
Edil sallançak deý,ömrümi üwräp.

Aýtmasam-da,meñ söýgümi duýýan dek,
Hüwdülediñ gujagyñdan ýer berip.
Ölçeýän dek,öz bagtymy ädimläp,
Owadan köçäñden barýan ýylgyryp.

Şol köçeden geçip gider adamlar,
«Salam»-diýip,ýylgyrşyña bakar-da.
Göýä, meñ yşgymyñ jogaby ýaly,
Gujak-gujak gül eçildiñ baharda.

Gysganmadyñ,bol eçildiñ paýymy,
Bagtyñ ummanynda boýum boýladym,
Ähli berenleriñ baryndan zerur,
Sag bol Watan,meni yşksyz goýmadyñ.

Gyzylgül Annagylyjowa. Goşgular